# BAPBA GÖKLEÑIÑ ÝÜREKLERDÄKI HEÝKELI

(Agzybirligiñ Internet-saýtynyñ redaksiýasyna)

Men Agzybirligiñ saýtyny birnäçe wagtdan bäri gyzyklanyp okaýaryn. Bapba Gökleñ hakdaky ýatlamalary okap, türkmen intelligensiýasynyñ arasynda şeýle bir batyr, uly we edermen ýazyjy-şahyrlaryñ bardygyna iman getirdim. Beyleki käbir şahyrlar özlerini propagandirlemek üçin agyzlaryny köpürjikledip türkmen ýurduny gülala-güllük edip görkezen, aýdym-tansa çagyryp, köpçülik näme etse, sen-de şolar ýaly boluber diýen döwründe Bapba Gökleñ beýle ýaşaýyşdan ýüz öwrüpdir. Şonuñ üçinem hökümet onuñ ses hukugyny elinden alypdyr. Emma Bapba ýaly batyrlar gol gowşuryp oturman, öz sözlerini ile ýetirmek üçin jan çekipdirler. "Men bir habar ýetip gelýän…" diýip, geljege, öz halkyna uly umyt baglapdyrlar, iru-giç sesiniñ ile ýetjekdigine berk ynanypdyrlar.

Makalany ýazan ýazyjy Bapbanyñ şahsyýetini örän ussatlyk bilen şerh edýar. Men Bapba Gokleñi tanamasam-da bu setirleri okamdan soñ, onuñ beýleki "intelligentler" ýaly, häzirki başistik häkimiýediñ marionet gurjagy bolmandygy üçin uly hormat goýdum.

Bapba Gökleñiñ idiologiýasy ýazan setirlerinde aýdyñ görünýär, ol sözi neşdere deñäp, şol zamandaky türkmen intelligensiýasynyñ gerşine uly borç ýükleýäp, intelligensiýanyñ ukuda ýatan türkmen halkyny oýarmagyny isleýär. Gynansagam, bu ideologiýa şol wagt türkmen intelligentleriniñ köpçiliginiñ ýörelgesine öwrülmändir…

Ýazyjynyñ sözlerine görä B.Gökleñ material dünýäden ýüz öwrüp, "manatsyz hem mandatsyz" hukuga ymtylypdyr, özüne adam hökmünde hormat goýulmagyny, söz berilmegini isläpdir, öz döredijiliginde töwerek-daşyny herekete çagyrypdyr. Şonuñ üçinem sovet rejimi ony ýigrenen bolsa gerek...

Sözüñ tankdan-topdan örän güýçlidigini men 1979 ýylda Eýranda revolýusiýa başlananda öz gözlerim bilen görüpdim. Kesgir sözleriñ hiç wagt ýerde galmajakdygyny, ýöne ol sözler tüýs wagtynda ile ýetmese, arşa çykarylmasa halkyñ başyna nähili ýaramaz günleriñ gelip biljekdigini ýazyjy öz ýatlamalarynda düýpli açyklaşdyryp bilipdir.

Gadyrly redaksiýa!
"Ýetip gelýän habary" türkmen intelligensiýasynyñ, ylaýtada halk köpçüliginiñ gyzgyn garşylajakdygyna, oña arka durjakdygyna ynanýaryn. Sebäbi hak söz, dogry ynsan ömri hiç haçan dereksiz köýüp gitmez. Bapba Gökleñ ýaly beýik ynsanlaryñ sesi iline ýetmän galmaz. Ýalñyşmasam, makalany ýazan şu hakykaty subut etmäge synanyşýar. Ýatlama setirleri, goý, Bapba Gökleñiñ ýüreklerde dikeldilen ilkinji heýkeli bolsun. Millet öz owadan rowaýaty şahsyýetlerini ýitirmeli däldir, olary goramalydyr, geljege öz ýany bilen alyp gitmelidir. Bapba Gökleñ hut şeýle gymmatly rowaýatlaryñ biridir. Şonuñ üçinem ýatlamalryñ dowamyna garaşýarys.

Hormat bilen –
Sähraly